**Türkmenistanyň Merkezi banky**
Центральный банк Туркменистана
Central bank of Turkmenistan

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК
# BANKING BULLETIN

**2024-nji ýylyň 1-nji oktýabr ýagdaýyna**
на 1 октября 2024 года
October 1, 2024

**Aşgabat 2024**

# Mazmuny / Содержание

## SELJERIŞ MAKALALARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ


**TÜRKMENISTANDA PUL-KARZ SYÝASATYNYŇ AÝRATYNLYKLARY**
3

**TÄJIRÇILIK BANKLARYNDA EKSPORT WE IMPORT AMALLARY BOÝUNÇA MÜŞDERILERIŇ GELEŞIKLERINI PASPORTLAŞDYRMAK IŞLERI**
7

**TÜRKMENISTANYŇ «TÜRKMENISTAN» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKYNYŇ HYZMATLAR ULGAMY**
10

**DÖWREBAP BANK HYZMATLARY**
14


## SELJERIŞ MAGLUMATLARY
## АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ / ANALYTICAL MATERIALS


**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI**
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
DEVELOPMENT TRENDS OF THE BANKING SYSTEM OF TURKMENISTAN
16

**TABLISALAR** / ТАБЛИЦЫ / TABLES
18

# SELJERIŞ MAKALALARY

## TÜRKMENISTANDA PUL-KARZ SYÝASATYNYŇ AÝRATYNLYKLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda milli ykdysadyýetimizi köpugurly esasda ösdürmekde, ýurduň pul-karz syýasatynyň ähmiýetini ýokarlandyrmakda, şol sanda pudaklaryň strategiki wezipelerini ýerine ýetirmekde möhüm ulgamy bolan bank ulgamy çalt depginler bilen ösýän ulgamlaryň birine öwrüldi.

Häzirki wagtda pul dolanyşygynyň durnuklylygyny üpjün etmek we durnukly ykdysady ösüşi gazanmak üçin amatly makroykdysady şertleri döretmek, ilatyň hal-ýagdaýyny has-da ýokarlandyrmak, milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny berkitmek, bank ulgamyny mundan beýläk hem ösdürmek we ony halkara maliýe bazaryna utgaşdyrmak ýaly wezipeler Türkmenistanyň pul-karz syýasatynyň esasy ugurlary bolup durýar.

Pul karz syýasaty – bellenen durmuş-ykdysady we syýasy maksatlara ýetmäge gönükdirilen puluň dolanyşygy we karz babatda döwlet çäreleriniň umumy jemidir. Pul-karz syýasaty ykdysadyýet babatynda döwlet syýasatynyň möhüm gurallarynyň biri bolup, bazar gatnaşyklarynda hojalygy ýöretmegiň we ykdysadyýete täsir etmegiň şertlerini emele getirmegiň guraly hasaplanylýar. Häzirki zaman bazar gatnaşyklaryna geçilýän şertlerinde pul-karzy kadalaşdyrmak pul dolanyşygynyň guralyşyna we banklaryň esasy orny tutýan töleg-hasaplaşyk amallaryna daýanýar.

Bank işjeňliginiň häzirki döwrüň talabyna laýyk getirilmegi (gurnalmagy) milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyryp ösdürmekde aýratyn orna eýedir.

Häzirki wagtda pul dolanyşygynyň durnuklylygyny üpjün etmek we durnukly ykdysady ösüşi gazanmak üçin amatly makroykdysady şertleri döretmek, ilatyň hal-ýagdaýyny has-da ýokarlandyrmak, milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny berkitmek, bank ulgamyny mundan beýläk hem ösdürmek we ony halkara maliýe bazaryna utgaşdyrmak ýaly wezipeler Türkmenistanyň pul-karz syýasatynyň esasy ugurlary bolup durýar.

Ýurdumyzda «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» hem-de «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» çäklerinde dünýä tejribesiniň gazananlaryny nazara almak bilen, sanly bank amallarynyň görnüşleri yzygiderli artdyrylyp, hili has ýokarlandyrylýar.

Milli ykdysadyýetimizi durnukly we deňagramly ösdürmäge gönükdirilen Türkmenistanyň orta möhletli geljegi üçin karz edaralarynyň ygtybarlylygyny we durnuklylygyny ýokarlandyrmak, banklaryň serişdeler binýadyny artdyrmak, banklarda elektron resminama dolanyşyk ulgamyny kämilleşdirmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Banklara ýokary hilli innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly bank işjeňligini döwrebaplaşdyrmak, şahamçalara geçiriş ulgamynyň hilini we tizligini ýokarlandyrmak işleri durmuşa geçirilýär. Bu ugurda ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan hyzmatlar bazarynda halkara karz institutlarynyň tejribesini öwrenilmegi maksadalaýyk hasaplanylýar.

Milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklaryna sanly tehnologiýalary ornaşdyryp, bäsdeşlige ukyply sanly ykdysadyýeti döretmek babatynda «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» aýratyn ähmiýete eýe bolup durýar. Bank ulgamyna sanly tehnologiýalaryň girizilmegi bank hyzmatlaryny ýerine ýetirmek üçin awtomatizasiýa serişdeleriň, emeli intellektiň, daş aralykdan hyzmat etmek üçin niýetlenen tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyny talap edýär. Sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank»,

«Elektron söwda», «Halkbank terminal», «Menzilara bank», «Sanly kart» we «Sanly karz» ýaly hyzmatlar arkaly nagt däl hasaplaşyklary ýerine ýetirmek üçin giň mümkinçilikler döredilen. Onlaýn görnüşinde karzlary resmileşdirmek, bank hasaplary barada maglumatlary elektron görnüşde almak, internet arkaly töleg geçirimlerini amala aşyrmak mümkinçiligi ýola goýuldy.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan fiziki şahslara internet ulgamynyň üsti bilen halkara «VISA» we «MasterCard» bank kart hasaplaryny doldurmaga, daşary ýurtlarda okaýan talyplaryň okuw we umumy ýaşaýyş jaý töleglerini, fiziki şahslaryň ýurduň çäginden daşarda saglygynyň barlanmagy hem-de bejerilmegi üçin tölegleri onlaýn görnüşde tölemegine berýän «Menzilara bank» ulgamy işe girizildi.

Müşderileriň islergini kanagatlandyrmak, hödürlenýän hyzmatlaryň sanyny artdyrmak, internet arkaly tölegleri geçirmek we olar bilen bagly töwekgelçilikleri peseltmek, bank kartlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky tarapyndan «VISA Virtual» atly halkara bank karty ulanyşa girizildi. Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan öz müşderileri bolan fiziki şahslar üçin «Sanly karz» ulgamy ornaşdyryldy.

Häzirki wagtda ykdysadyýetiň bazar gatnaşyklaryna geçmegi, hususy we eýeçiligiň beýleki görnüşleriniň ösmegi, býujet serişdeleriniň esasy böleginiň durmuş maksatly obýektlere gönükdirilmegi bank karzynyň ähmiýetiniň artmagyna, onuň täze görnüşleriniň peýda bolmagyna getirdi.

Türkmenistanda karz edaralary tarapyndan berilýän karzlaryň düzüminde uzak möhletli karzlaryň, hususan-da ösen tehnologiýalary özünde jemleýän önümçilik desgalaryny karzlaşdyrmagyň paýy düýpli artdyrylýar. Karzlaşdyrma hyzmatlarynyň ýerine ýetirilmeginiň derejesini ýokarlandyrmak ugrunda hususy kärhanalara we telekeçilere karz edaralaryň karz goldawynyň esasynda durmuşa geçiriljek maýa goýum taslamalarynyň işewürlik meýilnamasyny düzmäge ýardam bermek boýunça degişli işler geçirilýär.Karz ulgamy tarapyndan ykdysadyýetiň pudaklaryna, şol sanda onuň döwlete degişli däl bölegine berilýän karzlar olara ýeterlik möçberde dolanyşyk serişdeleri almaga, öňdebaryjy tehnikalary we innowasion tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmaga, önümçilik maksatly işleri çaltlandyrmaga, ýokary ykdysady netijeliligi gazanmaga mümkinçilik berýär.

Türkmenistanda hereket edýän karz edaralar tarapyndan özbaşdak pul-karz syýasaty işlenip düzülendir. Şol karz syýasatyna laýyklykda, döwrüň talaplaryna görä karz edaralar dürli görnüşli karz hyzmatlaryny müşderilere hödürleýärler. Karz edaralar tarapyndan karz amallarynyň ykdysady taýdan netijeliligine, şeýle-de müşderiniň bähbidine esaslandyrylan göterim syýasaty hem-de berilýän karzlaryň elýeterliligi yzygiderli gözegçilikde saklanylýar.



Ýurdumyzda karz edaralary karz boýunça göterimiň hem-de hyzmat haky töleginiň möçberini özbaşdak belleýärler. Karzy peýdalanmak üçin göterimiň möçberi, şeýle hem hasaplanylan göterimleri tölemegiň möhletleri karz şertnamasy bilen bellenilýär. Karz boýunça göterimler karzy peýdalanmagyň hakyky wagty üçin Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kadalaşdyryjy namalaryna laýyk-

lykda karz edaralary tarapyndan hasaplanylýar.

Raýatlara berilýän karzlar bolsa, olaryň isleglerini maksadalaýyk kanagatlandyrmaga niýetlenen has oňaýly ýaşaýyş jaýlaryny satyn almaklaryny we beýleki maddy gymmatlyklaryny edinmeklerini tizleşdirýär. Şonuň üçin banklar ýurduň ykdysadyýetine we ilata berilýän karz serişdeleriniň möçberini yzygiderli artdyrýarlar.

Türkmenistanyň bank ulgamynyň häsiýetli aýratynlyklarynyň biri bolup, ykdysadyýetiň döwlete degişli bolmadyk bölegine berilýän karzlaryň esasy böleginiň raýatlara we edara görnüşindäki tarapy döretmeýän telekeçilere berilýändigi bilen baglanyşyklydyr.

Türkmenistanyň karz edaralary iri maglumat geçiriş ulgamyna eýe bolmak bilen ýurdumyzda pul dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, bank kartlary boýunça milli we halkara töleg ulgamynyň gerimini giňeltmek hem-de halkara tejribesiniň öňdebaryjy tilsimatlaryna esaslanýan nagt däl hasaplaşyklary has-da ýaýbaňlandyrmak boýunça giň gerimli işleri amala aşyrýarlar. Bu işleriň netjesinde ýurdumyzyň prosesing merkezinde hasaba alnan bank kartlarynyň, ornaşdyrylan terminallaryň, bankomatlaryň sany, «Internet-bank» we «Mobil-bank» ulgamlarynyň üsti bilen amal edilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi ýylsaýyn artýar. Şu ýylyň ýanwar-oktýabr aýlarynda bu hyzmatlar arkaly geçirilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi, degişlilikde, 2092,3 müň we 14884,5 müň manatdan geçdi.

Bazar gatnaşyklarynda karz edaralary tarapyndan müşderilere hödürlenilýän nagt däl hasaplaşyklar boýunça bank hyzmatlarynyň ähmiýeti örän uludyr. Ýurdumyzda bank kartlaryny ulanyjylaryň sanynyň artmagy we bu kartlar arkaly nagt däl hasaplaşyklaryň düýpli ösmegi nagt däl hasaplaşyklar ulgamynda oňyn özgertmeleriň alnyp barylýandygyny subut edýär.

Bank hyzmatlarynyň has kämil görnüşleriniň girizilmegi, bu ugurda daşary ýurt tejribesiniň düýpli öwrenilmegi, şeýle-de onuň milli ykdysadyýetimiziň aýratynlyklarynyň göz öňünde tutulyp ýurdumyzyň bank ulgamyna ornaşdyrylmagy bank işiniň döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirilmegine, hyzmatlaryň döwrebap görnüşleriniň döremegine, bank ulgamynyň müşderileriniň sanynyň yzygiderli artmagyna we milli banklaryň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlanmagyna ýardam berýär.

Häzirki wagtda milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşinde makroykdysady görkezijileriň deňagramly ösüşini üpjün etmeklige uly üns berilýär. Makroykdysady deňagramlylyk, köp derejede maliýe araçyllygyny üpjün edýän we milli puluň hümmetiniň durnuklylygyny we nyrh emele getirilişini gytaklaýyn düzgünleşdirýän milli bank ulgamynyň netijeliligi bilen kesgitlenýär.

Ýurdumyzda häzirki wagtda iki derejeli bank ulgamy hereket edýär. Maliýe ulgamyny düzgünleşdiriji bolup Türkmenistanyň Merkezi banky çykyş edýär. Türkmenistanyň Merkezi banky ýurdumyzyň çäklerinde döwletimiziň pul-karzsyýasatyny alyp barýan ýeke-täk edaradyr. Bu syýasatyň baş maksady milli puluň satyn alyjylyk ukybyny pugtalandyrmakdan, şeýle hem täjirçilik banklarynyň işini kadalaşdyryjy-hukuk taýdan düzgünleşdirmekden ybaratdyr. Bank bölegini ösdürmegiň wezipeleri ykdysady ösüşiň ýokary we durnukly depginlerini üpjün etmek we şonuň esasynda halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak zerurlygy bilen kesgitlenýär.

Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlarynyň durmuşa geçirilmegi döwlet eýeçiligindäki hem-de döwlete dahylsyz bölekdäki guramalara, önümçilik pudaklaryna we ilata häzirkizaman bank hyzmatlarynyň berilmegini üpjün eder, ykdysadyýetiň ýokarlanýan isleglerine laýyklykda bank hyzmatlarynyň hilini gowulandyrmaga, pul dolanyşygyny çaltlandyrmak boýunça çäreleri amala aşyrmaga, netijeli pul-karz syýa-

satyny geçirmäge we milli puluň satyn alyjylyk ukybyny berkitmäge ýardam berer.

Milli ykdysadyýetimizde milli puluň işjeňligini has-da artdyrmak, sanly ulgamy giňden ornaşdyrmak, ýurtda durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmek, netijede ýurdumyzyň raýatlarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini mundan beýläk-de gowulandyrmak babatda giň mümkinçilikleri döredip berýän, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun! Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Watanymyzyň asudalygy, il-günümiziň abadan, bolelin durmuşda ýaşamagy ugrundaky alyp barýan işleri hemişe rowaçlyga, üstünlige beslensin!

**Gülaýym ŞÜKÜROWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty müdirliginiň
Dünýä ykdysadyýeti bölüminiň esasy hünärmeni

# TÄJIRÇILIK BANKLARYNDA EKSPORT WE IMPORT AMALLARY BOÝUNÇA MÜŞDERILERIŇ GELEŞIKLERINI PASPORTLAŞDYRMAK IŞLERI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň ilatynyň durmuş-ykdysady ýagdaýynyň gowulandyrylmagyna gönükdirilen ägirt uly özgertmeler geçirilýär. Döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hem bank hyzmatlarynyň kämilleşdirilmegi we sanlylaşdyrylmagydyr. Bank önümleriniň we hyzmatlarynyň kämilleşdirilişiniň hem-de ösüşiniň mümkinçilikleri «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022-2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» beýan edilýär.

Ýurdumyzyň bank ulgamynda müşderileriň eksport we import amallary boýunça geleşiklerini pasportlaşdyrmak boýunça hem netijeli işler yzygiderli durmuşa geçirilýär. Banklarda eksport we import geleşikleriniň pasportlaryny resmileşdirmek we barlamak boýunça ýerine ýetirilýän işler «Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrylýar. Häzirki döwürde Türkmenistanyň karz edaralarynda müşderileriň eksport we import geleşikleriniň pasportlaryny resmileşdirmek we barlamak boýunça ýerine ýetirilýän işler Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan (Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2014-nji ýylyň 16-njy dekabrynda 817 san bilen tassyklanan) tassyklanylan «Eksport we import geleşikleri boýunça dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasynda hasaplaşyklar geçirilende geleşigiň pasportyny resmileşdirmegiň Tertibine» laýyklykda düzgünleşdirilýär. Bu Tertip eksport we import geleşikleri boýunça dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasynda hasaplaşyklar geçirilende geleşikleriň pasportynyň görnüşini we ony resmileşdirmegiň düzgünlerini hem-de şertlerini kesgitleýär.

Pasportlaşdyrmak diýlip, geleşigiň pasportyny resmileşdirmegiň, şeýle hem zerur bolan halatynda geleşigiň pasportyna üýtgetmeleri (goşmaçalary) ýa-da geleşigiň pasporty boýunça hasaplaşyklar hakynda maglumatlary resmileşdirmegiň düzgünleriniň we şertleriniň jemine aýdylýar. Daşary söwda geleşikleri boýunça eksporty we importy pasportlaşdyrmagyň esasy maksady bank hem-de gümrük edaralarynyň tölegleriniň gözegçiligini amala aşyrmakdan, dahylsyzlaryň dahyllylaryň öňündäki şertnamalaýyn borçlarynyň doly we öz wagtynda ýerine ýetirilmegini üpjün etmekden we dahyllylaryň milli we daşary ýurt puluny yzyna gaýtarmak boýunça talaplaryny berjaý etmekden ybaratdyr. Daşary söwda geleşiginiň subýektleri hökmünde eksport we (ýa-da) import ediji dahyllylar we dahylsyzlar hem-de olara hyzmat edýän karz edaralar çykyş edýärler.

Dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasynda daşary söwda geleşikleri boýunça hasaplaşyklar amala aşyrylanda, geleşiklere gatnaşýan müşderilere hyzmat edýän banklar tarapyndan geleşigiň pasporty resmileşdirilýär. Geleşigiň pasporty daşary söwda geleşigi boýunça hasaba alnyşy we hasabatlylygy üpjün etmek üçin resmileşdirilýän we özünde hasaplaşyklar hakyndaky zerur bolan maglumatlary,daşary söwda geleşigi boýunça dahyllylaryň we dahylsyzlaryň borçlarynyň ýerine ýetirilişini we beýleki maglumatlary özünde jemleýär.

Söwda karzlary diýlip, harytlary (işleri, hyzmatlary) iberijiler (satyjylar) bilen alyjylaryň (satyn alyjylaryň) arasynda alyş-çalyş şertnamasy boýunça amallar ýerine ýetirilende, özara hasaplaşyklarda eksport boýunça tölegiň yza süýşürilmegi we import boýunça deslapky tölegiň (hakujy tölegiň) ýa-da eksportyň importdan ýokarlanmagyna aýdylýar.

Daşary söwda geleşikleri pasportlaşdyrylanda banklaryň degişli işgärleri tarapyndan şu aşakdaky görkezilen resminamalaryň we maglumatlaryň barlanylmagy möhümdir:

- daşary söwda geleşigi boýunça borçlaryň ýüze çykmagyny, ýerine ýetirilmegini we bes edilmegini tassyklaýan resminamalaryň;

- borçlaryň görnüş we mazmun taýdan ýerine ýetirilişiniň kanuna laýykdygynyň;

- borçlaryň ýerine ýetirilişini hasaba almagyň doly we hakykatdygynyň.

Dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasynda Türkmenistandan eksport edilýän we Türkmenistana import edilýän harytlar (işler, hyzmatlar) üçin hasaplaşyklar (şol sanda Türkmenistandan eksport edilýän harytlaryň gümrük taýdan resmileşdirilmegi), dahylsyzyň dahyllynyň öňündäki borjunyň ýerine ýetirilendigi ýa-da dahylly tarapyndan dahylsyza söwda karzynyň berilendigi baradaky anyk maglumatly deslapdan pasportlaşdyrylan daşary söwda geleşigi esasynda amala aşyrylýar.

Daşary söwda geleşigini pasportlaşdyrmagyň nyşanlary.Pasportlaşdyrylan daşary söwda geleşigi resminamaly kybaplaşdyrylmagynyň dowamyndahasaba alyşy we hasabatlylygy üpjün etmek üçin ulanylýan resmileşdirilen geleşigiň pasportynyň, şeýle hem zerur bolan halatynda resmileşdirilen geleşigiň pasportyna üýtgetmeleriň (goşmaçalaryň) ýa-da geleşigiň pasporty boýunça hasaplaşyklar hakynda maglumatlaryň bolmagy bilen häsiýetlendirilýär. Geleşigiň pasportynyň görnüşi, ony resmileşdirmegiň düzgünleri we şertleri. Daşary söwda geleşikleriň pasportlaşdyrylmagy Türkmenistanyň Merkezi banky we (ýa-da) pul gymmatlyklary bilen bank amallaryny amala aşyrmaga Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ygtyýarnamasy bolan ygtyýarly karz edaralar tarapyndan tölegli esaslarda amala aşyrylýar.

Geleşigiň pasportyny hasaplaşyklaryň görnüşlerine garamazdan (pul, barter, konsignasiýa, maýa goýum we başgalar), möçberi erkin aýlanýan puluň çäginden ýokary geçýän şertlerinde harytlary (işleri, hyzmatlary) eksport we (ýa-da) import etmek göz öňünde tutulan - dahyllylaryň we dahylsyzlaryň arasynda baglaşylýan ähli daşary söwda geleşikler boýunça resmileşdirilýär we olar pul gözegçiliginiň resminamasy bolup hyzmat edýär. Eger-de, geleşigi baglaşylan senede eksport we (ýa-da) import edijiniň şertnamasyndaky tölegiň möçberi erkin aýlanýan puluň çäginden ýokary geçmeýän bolsa, onda olar boýunça geleşigiň pasporty resmileşdirilmeýär.

Geleşigiň pasportynda daşary söwda geleşiginiň esasy görkezijileri we geleşik boýunça geçirilýän hasaplaşyklar hakyndaky ähli maglumatlar beýan edilýär.

Bank tarapyndan geleşigiň pasportyny resmileşdirmek üçin eksport (import) ediji müşderiden şu aşakdaky görkezilen resminamalar talap edilýär:

a) eksport (import) edijiniň ýazmaça ýüzlenmesi;

b) daşary söwda geleşigiň göçürme nusgasy;

ç) eger-de, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen bolsa, daşary söwda geleşiginiň baglaşylmagyna esas bolup durýan Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýa-da ygtyýarly döwlet edaralarynyň namalarynyň göçürme nusgalary;

d) gaýry resminamalar.

Müşderiler tarapyndan banka tabşyrylýan resminamalaryň göçürme nusgalary eksport (import) edijiniň goly we möhüri bilen tassyklanylýar. Şunda geleşigiň pasportynyň hereket edýän möhleti daşary söwda geleşiginiň möhleti bilen çäklendirilýär.

Geleşigiň pasportyna üýtgetmeler (goşmaçalary) girizilende, bank tarapyndan eksport (import) edijide pasporty resmileşdirmekdäki talap edilýän resminamalar kabul edilýär. Resminamalar boýunça tassyklanylýan dahylsyzyň, dahyllynyň (ýa-da dahyllynyň dahylsy-

zyň) öňündäki borçlarynyň ýerine ýetirilmegi, geleşigiň pasporty boýunça hasaplaşyklar hakyndaky maglumaty resmileşdirilmäge esas bolup çykyş etmek bilen, onda daşary söwda geleşiginiň ähli esasy görkezijileri bilen geleşigiň pasportyndan göçürme, şeýle hem şol geleşik boýunça hasaplaşyklar baradaky maglumatlary beýan edilýär.

Geleşigiň pasporty boýunça hasaplaşyklar hakynda maglumatlary resmileşdirmek üçin eksport (import) edijiden şu aşakdaky görkezilen resminamalar talap edilýär:

a) eksport (import) edijiniň ýazmaça ýüzlenmesi;

b) dahylsyzyň dahyllynyň öňündäki we (ýa-da) dahyllynyň dahylsyzyň öňündäki borçlarynyň ýerine ýetirilişi barada resminamalaryň göçürme nusgalaryny (şol sanda, töleg resminamasyny, bank kepilligini, kabul ediş-tabşyryş delilnamasyny we gaýry resminamalary, Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilen harytlar boýunça – degişli gümrük düzgünine ýerleşdirilen harydyň ýük gümrük deklarasiýasyny ýa-da kepilnamasyny we beýleki zerur bolan resminamalar).

Türkmenistanyň döwlet gümrük gullugynyň edaralary, Türkmenistandan eksport edilýän harytlara gümrük pul gözegçiligini amala aşyrmak üçin geleşigiň pasportyny resmileşdirýän Türkmenistanyň banklarynyň baş edaralaryndan, Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň merkezi diwanyna, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan ýa-da kepillendiriş edarasy tarapyndan tassyklanylan ygtyýarnamanyň göçürme nusgasyny we ygtyýarly karz edarasynyň birinji ýa-da ikinji gol çekmek hukugyna eýe bolan wezipeli şahsyň gollarynyň nusgalarynyň we möhüriniň yzy goýulan kartoçkany tabşyrýarlar.

Daşary söwda geleşikleri, elektron maglumat göterijilerindäki geleşigiň pasportlarynyň ýeke-täk sanawynda awtomatlaşdyrylan maglumatlar ulgamyny ulanmak arkaly merkezleşdirilen tertipde pasportlaşdyrylýar we onuň saklaýjysy hökmünde Türkmenistanyň Merkezi banky çykyş edýär. Türkmenistanyň Merkezi banky Türkmenistanyň ygtyýarly karz edaralaryna we pula gözegçilik edýän beýleki edaralara we wekilliklere, hakyky wagt birliginde (online kadasy boýunça) giriş pursatyna hereket edýän elektron maglumatlar binýady görnüşindäki ýeke-täk sanawa goragly (howpsuz) derhal elýeterliligi üpjün edýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan bank ulgamyndaky özgertmeleriň ählisi ýurdumyzyň raýatlarynyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmaga, olaryň ýaşaýyş-durmuş derejelerini dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmäge gönükdirilendir.

**Hüseýin HAJYGURBANOW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş
institutynyň «Bank işi» kafedrasynyň uly mugallymy

# SELJERIŞ MAKALALARY

## TÜRKMENISTANYŇ «TÜRKMENISTAN» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKYNYŇ HYZMATLAR ULGAMY

Maglumat tehnologiýalarynyň, müşderileriň islegleriniň barha ösýän döwründe karz edaralarynyň ulgamynda bäsdeşlige ukyply bolmagyň şerti banklaryň döwrebap sanlylaşdyrylmagydyr. Maglumat tehnologiýalarynyň soňky gazananlarynyň ýurdumyzyň sanly bank ulgamyna yzygiderli ornaşdyrylmagy bölek we lomaý elektron bank hyzmatlaryny ösdürmäge, şol sanda bank tarapyndan hödürlenýän hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga ýardam edýär.

2024-nji ýylyň 12-nji iýulynda hormatly Prezidentimiziň geçiren Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde habar berlişi ýaly, 2024-nji ýylyň geçen alty aýynda bank ulgamy tarapyndan ykdysadyýete karzlaryň gönükdirilmegi dowam etdirildi. 2023-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, şu ýylyň birinji ýarymynda ýurdumyzyň banklary tarapyndan hususy ulgama berlen karzlaryň umumy möçberi artdy. Şunuň bilen birlikde, kiçi we orta telekeçiligi goldamak üçin ýeňillikli karzlaryň, hususy oba hojalyk önümlerini öndürijilere gönükdirilen karz serişdeleriniň görkezijisi ýokarlandy. Şu ýylyň 1-nji iýuly ýagdaýyna görä, Aşgabat we Arkadag şäherlerinde, ýurdumyzyň welaýatlarynda raýatlara gozgalmaýan emlägi satyn almak üçin berlen ipoteka karzlarynyň galyndysy, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 12,4 göterim artdy.Hormatly Prezidentimizykdysadyýetiň önümçilik pudaklaryny karzlaşdyrmak boýunça banklaryň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmagyň, karzlaryň maksadalaýyk peýdalanylyşyny üpjün edip, onuň netijeliligini artdyrmagyň zerurdygyny belledi. Milli bank ulgamynda gazanylýan şeýle üstünlikler olara sanly ulgamyň ornaşdyrylmagy bilen berk baglanyşyklydyr.

Ýurdumyzda karz edaralarynyň kanunçylyk-hukuk binýady yzygiderli kämilleşdirilýär. Türkmenistanyň Raýat kodeksi, «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kadalaşdyryjy hukuk namalary, şol sanda «Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklar hakynda Düzgünnama» ýurdumyzyň töleg ulgamynyň hukuk binýady bolup, olara laýyklykda raýatlara sanly bank hyzmatlarynyň dürli görnüşleri kadaly ýerine ýetirilýär. Bankymyz tarapyndan ýaş maşgalalaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak maksady bilen, durmuş guran ýaş maşgalalara zerur bolan öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almak üçin 3 (üç) ýyl möhletli ýyllyk 1(bir) göterim bilen nagt we nagt däl görnüşinde berilýän karzyň möçberi 20 000 (ýigrimi müň) manat möçberinde ýokarlandyryldy. Ýaşlary goldamak, olaryň döredijilik başlangyçlaryny höweslendirmek, hünärlerini kämilleşdirmek babatda amatly mümkinçilikleri döretmek maksady bilen, «Talyp karzy» berilýär. Bu karz ýokary we ýörite orta hünär okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplara okuw töleglerini tölemek üçin nagt däl görnüşinde berilýär. Karzyň üpjünçiligi hökmünde girew emlägi ýa-da üçünji tarapyň zamunlygy talap edilýär. Şeýle-de ykdysadyýetiň döwlet eýeçiligine degişli edara görnüşli taraplary, döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler, raýatlar üçin karzlaryň dürli görnüşleri hödürlenilýär.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ýurdumyzyň banklary milli ykdysadyýeti ösdürmäge, döwlete dahylsyz ulgama, kiçi we orta telekeçilige, hususy oba hojalyk önümlerini öndürijilere, gozgalmaýan emlägi satyn almak üçin ýurdumyzyň raýatlaryna berilýän karzlaryň möçberini has-da artdyrýarlar. Milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşine ýardam bermek üçin bank edaralary tarapyndan döwlet maksatnamalaryny

durmuşa geçirmek bilen bagly taslamalary maliýeleşdirmek boýunça işler dowam etdirilýär. Bank amallaryny, töleg tabşyryklaryny kämilleşdirmekde sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça işleri tehnologiýalar we kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bildirilýän talaplara laýyklykda amala aşyrmak bilen baglanyşykly meselelere aýratyn üns berilýär. Şu ýylda ýerine ýetirilmeli esasy wezipeleriň hatarynda milli maliýe ulgamynyň, banklaryň, maliýe bazarlarynyň işini has-da kämilleşdirmek we ony halkara tejribä laýyklykda ösdürmek, önümçilik maksatly taslamalary durmuşa geçirmek üçin karzlary bermegi we amatly şertlerde maliýe serişdelerini çekmegi dowam etdirmek meýilleşdirilýär

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň 22 şahamçasy, 441 bankomaty, 7663 terminaly, 1,11 milliondan gowrak bank karty bolup, müşderilere sanly hyzmatlaryň, şol sanda nagt däl hasaplaşyklaryň giň mümkinçiliklerini hödürleýär. Bankyň «Internet bank» hyzmatyna birikdirilen müşderileriniň sany 380,8 müňden geçdi «Mobil-bank» hyzmatyna birikdirilen müşderileriniň sany bolsa 19,3 müň ýetdi.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» sanly ulgamyň ösdürilmegine uly ähmiýet berilýär. Milli ykdysadyýeti sanlylaşdyrmak boýunça özgertmeleriň durmuşa geçirilmegi ýurduň tutuş çägini gurşap alýan maglumat-ykdysady giňişliginiň kemala gelmegine, halkymyzyň döwrebap sanly hyzmatlara bolan isleginiň kanagatlandyrylmagyna doly derejede ýardam edýär. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda, sanly ykdysadyýeti we elektron söwdany ösdürmek ileri tutulýan ugurlar hökmünde kesgitlendi. Bank ulgamyna sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly, has köp zähmeti talap edýän işler awtomatlaşdyrylyp, maliýe we ykdysadyýet ulgamynyň işiniň tizligi artdyrylýar, ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň gerimi giňeldilýär, netijeliligi ýokarlandyrylýar.

Ykdysadyýet, maliýe we bank toplumynyň 2024-nji ýyl üçin iş meýilnamalarynda göz öňünde tutulan wezipelere laýyklykda, ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan okgunly ösmegini, milli ykdysadyýetimiziň döwrebaplaşdyrylmagyny üpjün etmek, döwrebap sanly tehnologiýalary mundan beýläk-de giňden ornaşdyrmak, döwlet býujetini üstünlikli ýerine ýetirmek, maýa goýum syýasatyny kämilleşdirmek boýunça çäreler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bank amallarynyň sanlylaşdyrylmagy diňe bir müşderilere edilýän hyzmatlaryň möçberini artdyrmak bilen çäklenmän, olaryň hilini ýokarlandyrýar we sarp edilýän wagty gysgaldýar. Sanly bank ulgamy maliýe gözegçiligini kämilleşdirmäge, býujet-salgyt ulgamyny döwrebaplaşdyrmaga, ykdysadyýetde puluň kadaly dolanyşygyny gazanmaga giň mümkinçilikleri döredýär. «Türkmenistanda kiberhowpsuzlygy üpjün etmek boýunça işleri güýçlendirmek üçin ýerine ýetirilmeli çäreler hakynda» laýyklykda ýurdumyzyň kiberhowpsuzlygyny berkitmek, maglumat tehnologiýalary we kiberhowpsuzlyk ugurlary boýunça ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak, bu ugurda milli önümçiligi ösdürmek ugrunda alnyp barylýan işler hem barha rowaçlanýar.

«Türkmenistanda 2019 — 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynda» kesgitlenişi ýaly, häzirki wagtda innowasion tehnologiýalara daýanyp ösýän dünýä ykdysady ulgamynda sanly özgertmelere baýlaşdyrylýan pudaklaryň barha köpelýändigini görmek bolýar. Sanly ykdysadyýeti ösdürmekde söwda, ykdysadyýet, maliýe we bank ulgamlaryna, döwlet dolandyryşyna ilkinji orun degişli bolup, olar çalt uýgunlaşýarlar we aýdyň netije berýärler. «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda» bellenen wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen, ýur-

dumyzda nagt däl hasaplaşyklaryň möçberini artdyrmaga möhüm ähmiýet berilýändigini nygtalýar. Munuň üçin töleg ulgamlaryny yzygiderli kämilleşdirmek, sanly bank hyzmatlarynyň görnüşlerini artdyrmak zerur bolup durýar.

«Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň «Internet-bank» we «Mobil-bank» ulgamlary arkaly bankyň müşderileri bankaýa-da bankomatlara barmazdan, öz kompýuterleridir ykjam enjamlarynyň üsti bilen sanly hyzmatlaryň dürli görnüşlerinden peýdalanyp bilýärler. Olar «Internet-banka» birikmek we «Mobil-bank» programma üpjünçiligini ykjam enjamyna ýüklemek bilen, öz hasaplarynyň, şeýle-de kartlarynyň arasynda serişdeleri geçirmek; bankyň müşderileri we beýleki banklaryň müşderileri bolan şahsy taraplaryň kartlaryna hem-de hasaplaryna serişdeleri geçirmek; adatça, köp ulanylýan töleg tabşyryklarynyň görnüşleriniň nusgasyny hem-de şol nusgalaryň esasynda täze töleg tabşyryklaryny döretmek; müşderiniň öz hasaplary boýunça galyndylaryny we hereketlerini görmek we çap etmek; karzlary we depozitleri boýunça maglumatlary görmek we olary dolandyrmak; bank tarapyndan iberilýän habarnamalary almak we bank bilen habarlaşmak hem-de sorag-jogap almak; daşary ýurt pullarynyň hümmetini görmek ýaly hyzmatlardan peýdalanyp bilýärler. Geljekde bu hyzmatlaryň gerimini has-da giňeltmek göz öňünde tutulýar.

Maliýe-bank ulgamyny özgertmek boýunça 2011-nji ýylda «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011 — 2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» kabul edildi. Oňa laýyklykda, ýurdumyzda durmuşa geçirilýän giň möçberli ykdysady özgertmelerde bank ulgamynyň işini kämilleşdirmek, häzirki döwrüň talaplaryna laýyk getirmek, bank hyzmatlarynyň hilini halkara ölçeglere görä guramak we olaryň görnüşlerini artdyrmak, milli manadyň hümmetiniň durnuklylygyny üpjün etmek boýunça kesgitlenen wezipelerdir çäreler üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzda bank kartlary bilen töleg terminallary arkaly geçirilýän hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek hem-de halkara tejribäniň öňdebaryjy tehnologiýalaryna esaslanýan nagt däl hasaplaşyklary has-da ýaýbaňlandyrmak boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar. Milli kartly töleg ulgamy boýunça elektron tölegleri geçirmegi ýola goýmaga aýratyn ähmiýet berilmegi ykdysadyýetimizde pul serişdeleriniň dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmaga amatly şertleri döredýär.

Türkmenistanyň çäginde «Altyn Asyr», «Milli kart», «Maşgala», «Goýum bank karty», «Owerdraft» bank kartlary nagt däl görnüşde hasaplaşyklary geçirmegiň döwrebap töleg guraly hökmünde raýatlarymyz tarapyndan uly isleg bilen peýdalanylýar. Bank kartlarynyň ulanylmagy zähmet haklarynyň sanly ulgam arkaly dessine tölenilmegine, ygtybarly pul geçirmelerini gysga wagtda nagt däl görnüşde amala aşyrmaga, karz almak we goýum goýmak işlerini kämilleşdirmäge mümkinçilik berýär. Ýurdumyzda hereket edýän plastik kartlar bilen töleg terminallary arkaly nagt däl görnüşde çäklendirilmedik möçberde töleg geçirmek hyzmaty ýola goýuldy we söwda nokatlarynda, ýangyç guýujy beketlerde, ýol petekleriniň satylýan ýerlerinde, poçta bölümlerinde, dermanhanalarda we beýleki nokatlarda bank kartlary bilen ýygymsyz tölegleri geçirip bolýar.

Nagt däl tölegler baradaky ähli maglumatlar töleg geçirijiniň ykjam telefonyna SMS habary arkaly gelip gowuşýar. Netijede, ýurdumyzyň bank kartlarynyň, ornaşdyrylan terminallaryň sany hem-de bank kartlary bilen amala aşyrylýan nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi ýylsaýyn artýar.

Türkmenistanyň maliýe-karz ulgamynyň barha kämilleşdirilmegi ugrundaky tagallalary üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza ähli bank ulagmynyň

işgärleriniň adyndan köp sagbolsunlarymyzy aýdýarys. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun, alyp barýan il ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işleriniň elmydama rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýäris.

**Rahmanberdi RAHMANOW,**
Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň
«Diýar» şahamçasynyň karzlaşdyryş we hasabaty
bölüminiň esasy hünärmeni

# SELJERIŞ MAKALALARY

## DÖWREBAP BANK HYZMATLARY

Häzirki döwürde ýurdumyzyň bank ulgamyny diwersifikasiýalaşdyryp ösdürmek we döwrebaplaşdyrmak wezipesinden ugur alyp, ulgama sanly ykdysadyýeti giňden ornaşdyrmak, ilata hödürlenilýän sanly bank önümleriniň gerimini giňeltmek hem-de hilini ýokarlandyrmak boýunça netijeli çäreler amala aşyrylýar. Ykdysadyýetiň sanlylaşdyrylmagy beýleki ykdysady düzümler bilen bir hatarda bank işiniň hem kämilleşdirilmegini we bank ulgamyna sanly tehnologiýalaryň işjeň ornaşdyrylmagyny talap edýär.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» hem-de «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» çäklerinde dünýä tejribesiniň gazananlaryny nazara almak bilen, sanly bank amallarynyň görnüşleri yzygiderli artdyrylýar, hili has-da ýokarlandyrylýar.Ýurdumyzda sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Halkbank terminal», «Galtaşyksyz töleg», «Visa Virtual», «Menzilara bank», «Sanly kart», «Sanly karz» ýaly hyzmatlar arkaly nagt däl hasaplaşyklary ýerine ýetirmek üçin giň mümkinçilik döredilen.

Ýurdumyzyň karz  edaralary ylmyň iň soňky gazanan üstünliklerini we döwrebap usullaryny peýdalanyp, raýatlarymyza bank kartlarynyň üsti bilen amala aşyrylýan nagt däl hasaplaşyklaryň giň mimkinçiliklerini hödürleýär. Nagt däl hasaplaşyklaryň giňden ulanylmagy we bank kartlarynyň hyzmatlarynyň köpeldilmegi milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşine hem amatly täsirini ýetirýär. Bank ulgamynyň sanlylaşdyrylmagy netijesinde müşderilere hödürlenilýän bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga, sanly ulgamda hyzmatlaryň «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Galtaşyksyz töleg» ýaly täze, döwrebap görnüşlerini durmuşa ornaşdyrmaga ýardam berýär. Karz edaralary tarapyndan berilýän dürli görnüşli karzlaryň esasy bergilerini gaýtarmak we olara hasaplanan göterimleri tölemek, aragatnaşyk hyzmatlary üçin tölenýän tölegleri tiz we amatly usulda tölemek ýaly hyzmatlary ýerine ýetirmek üçin «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary uly ähmiýete eýedir.

«Internet-bank» ulgamyna web brauzerler, «Mobil-bank» ulgamyna bolsa banklar tarapyndan taýýarlanan ýörite mobil programma üpjünçiligi arkaly birikdirilýär. Ýagny, «Mobil-bank» hyzmaty, «Internet-bank» hyzmatynyň önümi bolup, müşderiniň hakyky wagt tertibinde «IOS» ýa-da «Android» operasion ulgamynda işleýän ykjam telefonlar ýa-da planşetler arkaly bank amallaryny ýerine ýetirip bilmegini üpjün edýär.

«Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary müşderiniň bank amallaryna we hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmaga, pul geçirimlerini tizleşdirmäge,  netijede ilatyň gymmatly wagtyny we serişdelerini tygşytlamaga mümkinçilik berýär. Häzirki wagtda «Altyn asyr» bank kartynyň eýelerine öz hyzmat edýän banklarynyň internet sahypalary arkaly bank kartlaryny  «Internet-bank» hyzmatyna özbaşdak birikdirip bilýär.

«Elektron söwda» - harytlaryň we hyzmatlaryň internet ulgamynyň üsti bilen hakyky wagt tertibinde ýerlenilmegidir. «Elektron söwda» hyzmaty hem ýurdumyzyň bank ulgamy tarapyndan durmuşa ornaşdyrylýar. Bu hyzmata islegiň artmagy netijesinde nagt däl hasaplaşyk geçirmek arkaly elektron usulda täjirçilik işini alyp barýan telekeçileriň sany günsaýyn artýar.

Hormatly Prezidentimiziň döredip berýän mümkinçiliklerinden peýdalanyp nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek maksady bilen Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky «Halkbank terminal» atly täze hyzmaty ornaşdyrdy. «Halkbank terminal» - döwrebap, ygtybarly tehnologiýalaryň esasynda taýýarlanan hem-de nagt däl hasaplaşyklarda ulanylýan adaty töleg terminalynyň ornuny tutýan mobil programma üpjünçiligi bolup durýar. Bu hyzmat söwda

we hyzmat ediş nokatlarynda töleg terminallarynyň eýeleriniň öz müşderilerine sanly ulgamda galtaşyksyz, goragly esasda hyzmatlary ýerine ýetirmäge döredilýän nobatdaky mümkinçilik bolup durýar. «Halkbank terminal» mobil ulgamy ykjam telefona gurnalmak bilen, harytlar we hyzmatlar üçin tölegleri kabul etmek, amaly ýatyrmak ýa-da yzyna gaýtarmak, kassany ýapmak we söwdanyň jemi möçberini çykaryp görkezmek, amallaryň taryhyny görmek ýaly hyzmatlardan peýdalanmaga mümkinçilik berýär.

Mundan başga-da Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan öz müşderileri bolan fiziki şahslar üçin «Sanly karz» ulgamy ornaşdyryldy. Raýatlarymyz Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň resmi internet sahypasynyň üsti bilen hödürlenilýän «Sanly karz» mobil goşundyny öz ykjam telefonlaryna ýüklemek arkaly banka barmazdan onlaýn görnüşinde sarp ediş karzyny almak üçin ýüz tutmaga, onuň ýagdaýyny bilmegä, her bir müşderiniň öz karz taryhyny özbaşdak barlamaga, bank tarapyndan karz almak üçin talap edilýän kagyz görnüşindäki resminamalary aradan aýyrmaga, alyp boljak karzyň möçberini, awtomatiki görnüşinde kesgitlemäge, karzy ätiýaçlandyrmak maksady bilen, karz alýan müşderini ätiýaçlandyryş kärhanasy bilen baglamaga amatly mümkinçilik döredýär.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky fiziki şahslara internet ulgamynyň üsti bilen halkara «Visa» we «MasterCard» bank kart hasaplaryny doldurmaga, daşary ýurtlarda okaýan talyplaryň okuw we umumy ýaşaýyş-jaý tölegleri hem-de fiziki şahslaryň Türkmenistanyň çäginden daşarda saglygynyň barlanylmagy we bejerilmegi üçin tölegleri onlaýn görnüşinde tölemäge mümkinçilik berýän «Menzilara bank» ulgamy işe girizildi.

Müşderileriň isleglerini kanagatlandyrmak, hödürlenilýän hyzmatlaryň sanyny artdyrmak, internetiň üsti bilen tölegleri geçirmek, bank kartlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek hem-de tölegleri geçirmek bilen bagly töwekgelçilikleri peseltmek maksady bilen, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky tarapyndan «VISA Virtual» atly bank karty ulanyşa girizdi. «VISA Virtual» halkara bank kartynyň hasaby diňe daşary ýurt pulunda açylyp, ol erkin aýlanýan puluň çäklerinde serişdeleriň gelip çykyşyny talap etmezden, fiziki şahsyň daşary ýurt pulundaky serişdeleriniň hasabyna nagt görnüşinde we gelip çykyşy diňe öz serişdeleri bolan nagt däl görnüşinde doldurylýar. Bankyň öz içerki serişde dolanyşygyny, bank amallaryny hem beýleki banklar bilen deň depginde alyp barmagy, şunuň bilen birlikde, bank tarapyndan dünýäniň ykdysady ulgamy bilen işjeň hyzmatdaşlygyň çäklerinde täzeçil ýörelgeleriň girizilmegi onuň tejribesiniň hemmetaraplaýyn häsiýete eýedigine güwä geçýär.

Onlaýn görnüşde karzlary resmileşdirmek, bank hasaplary barada maglumatlary elektron görnüşinde almak, elektron tabşyrygyny taýýarlap, internet arkaly töleg geçirimlerini amala aşyrmak mümkinçiligi ýola goýuldy. Ýuridiki tarap bolan müşderilerine we telekeçilere internet ulgamy arkaly bank hasaplaryny görmek, elektron göçürmelerini almak we elektron töleg tabşyryklaryny taýýarlamak, ykjam töleg terminallary arkaly galtaşyksyz usulda bank tölegleri ýerine ýetirmek, onlaýn görnüşinde täze bank kartlaryny açmak, bir kartdan beýleki bir karta pul serişdelerini geçirmek ýaly birnäçe hyzmatlar ornaşdyryldy.

Halkymyzyň abadançylygy, rowaçlygy ugrunda ýadawsyz tagallalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun. Il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli alyp barýan işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn!

**Miýesser TAŇRYGULYÝEWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Türkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow
adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň talyby

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
## Тенденции развития банковской системы Туркменистана
## Development trends of the banking system of Turkmenistan

**2024-nji ýylyň 1-nji oktýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 октября 2024 г.

Information on the number of branches of the credit institutions of Turkmenistan as of October 1, 2024




**2024-nji ýylyň 1-nji oktýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**

Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 октября 2024 г.

Information on the number of agencies of the credit institutions of Turkmenistan as of October 1, 2024




**2024-nji ýylyň 1-nji oktýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**

Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 октября 2024 года

Number of the exchange bureaus of the credit institutions of Turkmenistan as of October 1, 2024




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**

Структура активов кредитных учреждений, (в %)

Structure of assets of the credit institutions (in %)



№9
2024

TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKY
Центральный банк Туркменистана
Central bank of Turkmenistan

## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)

Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)
Structure of liabilities of the credit institutions(in %)




## 2024-nji ýylyň ýylyň 1-nji oktýabr ýagdaýyna karz edralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat

Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 октября 2024 г.
Authorized capital size as of the credit institutions of 1 October 2024




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий и организаций по срокам их размещения (в млн манат)
Funds on the settlement, current, deposit accounts of the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)
Funds on the settlement, current, deposit accounts of the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)
Distribution of balances of credits with the credit institutions provided (in national currency)




## 2024-nji ýylyň 1-nji oktýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)

Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 октября 2024 года (указатели округлены)
Information on the bankcards registered in the bank system of Turkmenistan as of 1 October 2024 (rounded-off)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
## Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана
## Key performance indicators of credit institutions in Turkmenistan

| GÖRKEZIJILER<br>ПОКАЗАТЕЛИ/INDICATORS | ölçeg birligi<br>ед. измер.<br>unit | 01.10.2023 | 01.01.2024 | 01.10.2024 | 01.10.2024<br>01.01.2024-e,<br>%-de | 01.10.2024<br>01.10.2023-e,<br>%-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения<br>Registered credit institutions | sany/ед./unit | **11** | **11** | **11** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda/в том числе/ including: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие<br>- state-commercial | sany/ед./unit | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие<br>- joint-stock commercial | sany/ед./unit | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков<br>- branches of foreign banks | sany/ед./unit | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития<br>- State Development bank | sany/ед./unit | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - «Türkmen maýa goýum kompaniýasy»<br>- «Туркменская инвестиционная компания»<br>- «Turkmen investment company» | sany/ед./unit | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений<br>Number of branches of credit institutions | sany/ед./unit | **150** | **150** | **149** | *99,3* | *99,3* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями<br>Number of accounts opened by clients serviced by credit institutions | sany/ед./unit | **6 890 396** | **7 046 129** | **7 437 724** | 105,6 | 107,9 |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений<br>Number of employees of credit institutions | sany/ед./unit | **8 821,8** | **8 391,8** | **7 993,0** | 95,2 | 90,6 |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений<br>Actually formed authorized capital of credit institutions | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **6 994,9** | **7 167,8** | **7 227,2** | *100,8* | *103,3* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте)<br>Balances on correspondent accounts of credit institutions in the Central Bank of Turkmenistan (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **12 055,21** | **17 876,07** | **18 912,63** | *105,8* | *156,9* |
